# Aşyk ýigidiň aýdanlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Aşyk ýigidiň aýdanlary AŞYK ÝIGIDIÑ AÝDANLARY

Aşykdym men seniň gözel görküňe,
Husny-jemalyň meni goýman erkime,
Çemen baglap, saňa elwan gül berdim,
Ýogsam özüň Güldiň, menem Bilbildim,
Sen mertdiň söýmäge mynasyp ýardyň,
Sen altyndyň, kümüşdiň men saňa zardym,
Seniň söýgüň meni edipdi, şahyr,
Sebäp sen Zöhrediň men saňa Tahyr,
Elbetde armansyz ýokmuşyn söýgi,
Söýgüden ozal dörärmiş duýgy,
Sen maňa, men hem saňa derkardym,
Sen Şirinimdiň, menem Perhadyň,
Ne sebäpden düşdi aýralyk derdi,
Iki ýüregede beripdi görgi,
Şeýdip senden aýryldym, men mejbury,
Ýogsam sen Leýlidiň, menem Mežnunyň,
Söýdüm, söýdüň şeýdip galdy ýatlama,
Aýra saldy, durmuş wagty, saklaman,
Ýada bize gözi degdi, görübiň,
Maňa Şasenemdiň, men seň Garybyň,
Düzdüm men düzülmesiz dessany,
Şeýdip ýeňletýärin gaýgy-gussany,
Şindizem saňa umydym barka,
Sen bol maňa Gulşa, men saňa Warka.

Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular